TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI
TÜRKMENISTANYŇ DAŞARY IŞLER MINISTRLIGINIŇ
HALKARA GATNAŞYKLARY INSTITUTY

# MAGTYMGULY PYRAGYNYŇ UMUMADAMZAT ÄHMIÝETLI PARAHATÇYLYK TAGLYMATY WE HÄZIRKI ZAMANYŇ MÖHÜM MESELELERI

(ylmy makalalaryň ýygyndysy)

***Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygyna***

Aşgabat
“Ylym” neşirýaty
2023

UOK 008:82+001(575.4)
M 16

M 16 **Magtymguly Pyragynyň umumadamzat ähmiýetli parahatçylyk taglymaty we häzirki zamanyň möhüm meseleleri.** Ylmy makalalaryň ýygyndysy. – A.: Ylym, 2023. – 240 s.

Kitap Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty tarapyndan Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygyna bagyşlanylyp taýýarlanyldy.

Ýygyndy üç sany tematiki bapdan ybarat bolup, olarda her babyň adyna laýyk gelýän makalalar ýerleşdirildi.

Ýygyndynyň birinji baby «Magtymguly Pyragynyň döwletlilik taglymatynyň Garaşsyz we Bitarap Türkmenistanyň milli bähbitlerini üpjün etmekdäki binýatlyk orny» diýlip atlandyrylyp, onda Magtymgulynyň syýasy-jemgyýetçilik meseleler bilen baglanyşykly garaýyşlary seljerilýär. Bu bapda ýerleşdirilen makalalaryň häsiýetli taraplarynyň biri olarda Magtymgulynyň döredijiliginde gozgalýan we onuň döwründe bolup geçen wakalaryň häzirki zaman şertlerindäki derwaýyslygynyň nukdaýnazaryndan seljerme bermeklige synanyşyk edilendigidir.

Ýygyndynyň «Magtymgulynyň paýhas-filosofiki we ahlak-edep garaýyşlarynyň terbiýeçilik ähmiýeti» atly ikinji babyndaky makalalarda Magtymguly Pyragynyň döredijiliginde paýhas-filosofiki, ruhy-ahlak gymmatlyklaryň, ynsan edebi adamkärçilik, terbiýe we wagyz-nesihat meseleleriniň şu gün bilen baglanyşygy baradaky pikirler öňe sürülýär.

Ýygyndynyň üçünji baby «Magtymguly Pyragynyň döredijilik mirasy adamzat medeniýetiniň genji-hazynasydyr» diýlip atlandyrylyp, onda degişli temadaky derwaýys meseleleriň derňewine bagyşlanylan makalalar ýerleşdirildi.

Kitap giň okyjylar köpçüligine niýetlenilýär.

TDKP № 235, 2023 KBK 71+84+72 (Tü)

© Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň
Halkara gatnaşyklary instituty, 2023
© “Ylym” neşirýaty, 2023

3. *Gurbangeldiýew J.* Nedir şanyň täsin ykbaly. // Dünýä edebiýaty. – 2022, №3. 80–89 ss.
4. *Глущенко Е. А.* Россия в Средней Азии. Завоевания и преобразования. – М., 2010.

**Baba Saryýew**
*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň*
*Halkara gatnaşyklary institutynyň uly mugallymy,*
*filologiýa ylymlarynyň kandidaty*

## «BERKARAR DÖWLET ISTÄRIN»

Magtymgulynyň ýaşan zamanasynda – XVIII asyrda türkmenleriň gün-güzerany çekip-çydardan agyr ýagdaýdady. Ýurt ykdysady taýdan halys çöküpdi. Elhenç süteme sezewar edilen halk içinden hem daşyndan tozduryldy. Şeýle gözgyny ýagdaý kalbynda watan buýsanjy bolan, aňly-düşünjeli adamlary çuňňur oýlanmaga, pikirlenmäge mejbur edýärdi. Döwrüň öňdebaryjy adamlary bu agyr ýagdaýdan diňe özbaşdak döwlet gurup, bir serdara, bir ýolbaşça uýlan ýagdaýynda halas bolup boljakdygyna düşünipdirler, göz ýetiripdirler. Şeýle garaýyşly adamlaryň biri-de Magtymguly Pyragynyň pederi Döwletmämmet Azadydyr.

Azady özüniň «Wagzy azat» eserinde döwlet gurmak meselesine degişli düýpli pikirleri öňe sürüpdir. Azady bu eserde ähli işi halk köpçüligi bilen maslahatlaşyp çözýän parasatly, adalatly serdaryň bolmagyny isläpdir. Ol özüniň «Patyşasy bolmasa her ülkäniň, bolmaz imiş – haýry yhsany anyň» ýaly setirlerinde hem ýurduň rowaçlanmagy, halkyň parahat we erkin ýaşamagy üçin kämil adalatly bir ýolbaşçynyň gerekdigini nygtapdyr. Çünki halkyň şeýle gözgyny ýagdaýa düşmegine ýurduň içindäki agzalalygyň, bir agza bakmazlygyň, tire-taýpa dawalarynyň sebäp bolýandygyna ýagşy göz ýetiripdir.

Döwletmämmet Azada çenli özbaşdak, garaşsyz döwlet gurmak meselesi türkmen edebiýatynda şeýle aýdyň gozgalmandyr. Azady öz eserinde döwlet gurmagyň ähmiýeti, onuň parahat ýaşaýşy üpjün etmekdäki orny, ýurdy duşmanlardan gorap saklamakdaky hyzmaty dogrusynda örän täsirli pikirleri-ideýalary öňe sürüpdir. Ol özüniň erkinlik, azat, garaşsyz durmuş baradaky garaýyşlaryny, pikirlerini «Baş bolmasa, göwre läş» diýen halk pähimi esasynda öňe sürüpdir we ösdüripdir. Şonuň üçin hem ol bu pikirini şeýle jemleýär:

*Göwre läş bolgaý, eger baş bolmasa,*
*Bitmez iş, hak lutfy ýoldaş bolmasa* [1, 58 s.].

Döwletmämmet Azadynyň garaşsyz, azat, erkin döwlet baradaky ideýalary ogly Magtymgula örän güýçli täsir edipdir. Bu ideýalar Magtymgulynyň döredijiliginde örän düýpli mesele hökmünde orta atylýar. Türkmeniň beýik ogly Magtymguly öz pederi Azadydan tapawutlylykda, halka düşnükli dilde öz tire-taýpalaryna çagyryş bilen ýüzlenýär. Ol öz mähriban halkyny bir bitewi döwletiň daşyna jemlenmäge, bir supranyň başyna geçmäge çagyrdy. Çünki ýurduň içinde hem daşynda halkyň agzalalykda ýaşamagyny isleýänler kändi. Bu barada Gahryman Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedow «Magtymguly – ynsan kalbynyň ruhy lukmany» atly makalasynda şeýle diýýär: «XVIII asyrda Magtymgulynyň öňe süren «türkmen taýpalary birleşmeli» diýen düýpli sosial pikiriniň amala aşmagy üçin uly päsgelçilik bardy. Bu asyrda türkmen taýpalarynyň her biri aýry-aýrylykda öz ýoluny agtarýardy, taýpalaryň arasynda agzalalyk güýçlüdi. Milli türkmen döwletiniň ýoklugy, bu taýpalaryň her ýerden pena agtaryp ýörmegi olaryň agzalalygyny artdyrýardy, olary biri-birinden daşlaşdyrýardy.

Türkmenleriň agzala bolmagyny isläp, bu ugurda ýörite maksatly hereket edýän güýçler hem az däldi. Ine, şu ýagdaýda akyldar Magtymguly halkyň iň uly duşmanynyň agzalalykdygyny, il bolup özara düşünişmegiň gerekdigini, ähli taýpalaryň birleşip, bir maksada, bir döwlete gulluk etmelidigini öwran-öwran nygtapdyr» [2, 5 s.].

Türkmen taýpalarynyň birleşip, bir bitewi, merkezleşen döwlet gurmaklary baradaky çagyryş mazmunly ideýalary onuň «Türkmeniň», «Bäşimiz», «Türkmen binasy» goşgularynda has aýdyň öz beýanyny tapypdyr.

Döwletmämmet Azadynyň «Wagzy azat» eseri Magtymgulynyň aňynda özbaşdak, garaşsyz döwlet gurmak barada esaslandyrylan ulgam derejesindäki düşünjäni döredipdir, ornaşdyrypdyr. Emma Azadynyň bu eseriniň dili köne kitaby stilde bolany üçin sowatsyz halk köpçüligine düşnükli hem däldi. Şonuň üçin Magtymguly öz sesini, garaýyşlaryny, pikirlerini halka ýetirmek maksady bilen, öz goşgularyny köpçülige düşnükli türkmen dilinde ýazypdyr. Edebiýaty halkyň hyzmatyna uýgunlaşdyrmagy başarypdyr.

Şahyr öz garaýyşlaryny, ideýalaryny halka ýetirmek üçin türkmenleriň gadymdan bäri ulanyp gelýän goşuk (goşgy) formasyny saýlap alypdyr. Bu forma halk döredijiliginiň üsti bilen halkyň aňyna juda mäkäm ornaşypdyr. Magtymguly öz pikirlerini şu forma salmaklygy ussatlyk bilen başarypdyr.

Tanymal alym Rahman Rejebow «Edebiýat ylmyna degişli terminleriň sözlügi» diýen kitabynda goşuk formasy barada şeýle pikir aýdýar: «Goşgy türkmen halk sazyna jogap berip bilen (ýek-ýarym muhammesi hasap etmeseň) ýeke-täk formadyr» [3, 49 s.]. Dogrudan-da alymyň aýdyşy ýaly, bu forma aýdym-saza örän ýakyndyr. Şahyryň «Magtymguly sözlerim saza goşsaň uz bolar» diýip aýdyşy ýaly, onuň goşgularynyň aglabasy bagşylar tarapyndan aýdym edilip aýdylýar.

Ine, şu ýagdaý hem Magtymgulynyň goşgularynyň halkyň arasyna giňden ýaýramagyna sebäp bolan zatlaryň biridir.

Bu döwürde Magtymguly diňe bir halky agzybirlige, birleşmeklige çagyryş häsiýetli goşgulary ýazmak bilen çäklenmändir. Ol dürli temalarda goşgular ýazypdyr we dürli ugurlar boýunça halka elinden gelen hyzmatyny edipdir. Ideýalaryny durmuşa geçirmek üçin edýän hereketlerini döredijilik bilen utgaşdyrypdyr. Elbetde, özbaşdak, garaşsyz, erkin döwlet gurmak meselesinde ol ýekelikde hereket etmändir. Esasan, onuň maslahatçylary, geňeşdarlary atasy Döwletmämmet Azady, Durdy şahyr, agalary Abdylla, Mämmetsapa, dostlary Çowdur han, Öwezgeldi batyr dagy bolupdyr.

Taryhdan belli bolşy ýaly, 1747-nji ýylda Nedir şa gije çadyrda ýatyrka öldürilýär. Şondan soň onuň golastynda bolan ýurtlarda erkin, özbaşdak döwlet gurmak barada garaýyşlar we hereketler güýçlenip başlaýar. Giň meýdany öz içine alan ýurtda häkimlik üstünde özara göreşler dowam edýär. Şolaryň içinde ilkinji bolup Owganystan özbaşdaklygyna eýe bolýar. Kimi şa goýmaly diýen mesele ör-boýuna galýar. Geçirilen saýlaw netijesinde Nedir şanyň serkerdeleriniň biri bolan Ahmet Dürrany şa diýip yglan edilýär.

Şu uly syýasy wakadan soňra türkmen aksakallary, hanlary, serdarlary we sylag-hormatly, abraýly adamlary jemlenip, indi nähili hereket etmeli, nädip özbaşdak, erkin türkmen döwletini gurmaly diýen meseläniň çözgüdini tapmak üçin yzygiderli maslahatlary geçirip durýarlar. Aglaba-da, bir güýçli döwlet hemaýat bermese, iş bitirip bolmajakdygy barada aýdylýar, umyt, arzuw, tamada ýaşaýarlar.

Şeýle maslahatlara gatnaşyp ýören Magtymgulynyň kalbyny çet ýurtlary görmek üçin syýahata, saparlara gitmek höwesi gurşap alýar. Bu höwes, bu arzuw onuň birnäçe goşgusynda öz beýanyny tapypdyr:

*Köňül aýdar keşt edip,*
*Gezsem jahany görsem.*

*Köňlüm istär, gezsem dünýä – älemi,*
*Ganatym ýok uça bilmen, neýläýin!*

*Kysmat olmaz, gidem uzak ýollara,*
*Nesip goýmaz, gider ýolum baglar, heý!*

*Köňül ýola rowandyr,*
*Hindistana hyýalym.*

*Köňlüm istär, sapar kylsak Azadym* [4, 507, 36, 43, 452, 657 s.].

Elbetde, köp ýerleri gören adamyň gözýetimi, dünýägaraýşy giň bolýar. «Eşiden deň bolmaz, gören göz bilen» diýlişi ýaly, jahankeşde adam gören ýerleriniň tebigatyny, haýwanat dünýäsini, dagyny, düzüni inçelik bilen synlaýar. Baran, gören ýurdunyň adamlary bilen tanyşýar, söhbetdeş bolýar. Dörediji adam bu zatlardan ylhamlanýar we öz eserlerinde gören zatlaryny janlandyrýar, suratlandyrýar. Magtymgulynyň goşgularyndan çen tutup aýtsak, ol Türkmenistanyň ähli ýerini, Orta Aziýa ýurtlaryny, Kawkazy, Hindistany, Eýrany, Owganystany, Rumystany, Yragy, Siriýany görüpdir. Ol bu ýurtlary paý-u-pyýada we kerwenlere goşulyp aýlanypdyr. Bu ýurtlaryň hersinde birnäçe günläp, aýlap bolupdyr. Şu ýurtlaryň hemmesinde hem XI – XII asyrlarda mongol sülsatlarynyň weýran ediji, wagşy penjelerinden aman galmak üçin ýurdy taşlap giden türkmenler ýaşaýardylar. Muny Magtymguly taryh sahypalaryndan oňat bilýärdi. Olar geçmişde Seljuk we Osman şadöwletlerini guran merdana türkmenlerdi. Ol döwürleri Magtymguly öz goşgularynda buýsanç bilen nygtaýardy. Onuň aňynda olardan haraý-hemaýat bolmazmyka diýen pikir bardy. Şol şöhratly günleri ýadyna salan çagy içinden şu setirleri gaýtalaýardy:

*Gurdugym aslynda bilgil, bu zeminiň myhydyr,*
*Erer ol erkin mydam, budurki türkmen binasy.*

*Bil, polatdan bina bolgan, budurki türkmen galasy.*

*Göteriler ol ykbaly türkmeniň* [4, 227, 230 ss.].

Magtymguly ýokarda ady agzalan ýurtlara iliň, ýurduň aladasy bilen aýlandy, hem syýahat bilen, hem syýasat bilen meşgullandy. Magtymgulyny edilen maslahatlardan soň halk ýola salypdy. Magtymguly baran, gören ýerlerinde öz halkynyň ýörite ugradan wekilidi, öz iliniň ilçisidi. Bu döwürde uzak illere giden ildeşlerimiziň, ganybir doganlarymyzyň hem ykdysady taýdanam, syýasy taýdanam ýagdaýlary gözgiderlik däldi. Onsoňam, ara uzak-uzak ýyllar, menzil-menzil ýollar, saýry-saýry iller düşüpdir. Ýerli ilat bilen garyşmak, guda garyndaşlyk ýagdaýlary hem durmuşa geçipdir. Magtymgulynyň «Ol Rumystany görsem» diýen arzuwy hem amala aşypdyr. Bu ýerde hem ýagdaý öwerlik däl eken. Ýogsam, türkmenleriň esasy köplügi şol ýerdedi. Bu barada türkiýeli belli taryhçy alym, professor Faruk Sümer «Oguzlar – türkmenler» atly kitabynda şeýle diýýär: «Göçme ýaşaýşy dowam etdirýän türkmenleriň sany Türkiýede köp wagtlap agdyklyk etdi. Munuň sebäbi bolsa Azerbaýjandyr Eýrandan we Orta Aziýadan yzy üzülmän gelýän türkmen göçleri bilen göçmenleriň üstüniň dolup durmagydy» [5, 146 s.]. Bu döwür Magtymgulynyň hemaýat, goldaw isläp giden Osman şadöwletiniň (imperiýasynyň) hem öňki sarsmaz berkararlygynyň

we syýasy taýdan-da gowşap ýören döwrüdi. Olaryňam «günbatar» goňşy ýurtlar tarapyndan aladalanyp, howatyrlanyp ýören döwrüdi.

Ata watandan göçüp giden türkmenler bilen aragatnaşygyň kesilmegine ýa-da juda peselmegine sebäp bolan zatlaryň ýene biri, professor Faruk Sümeriň ýokarda agzalan kitabyndan şu jümleleri okaýarys: «Sefewi döwletiniň döredilmegi Türkiýe bilen Orta Aziýa arasyndaky her hili aragatnaşyklaryň kesilmegine sebäp boldy. Sefewi Eýrany Anadoly bilen Türküstan arasynda aşylmasy çetin bolan seňňer emele getirdi» [5, 62 s.].

Ine, şeýle ýakyn-u-alys ýurtlaryň ýagdaýyny görensoň, ýagşy tanyş bolansoň, Magtymguly Jeýhun bilen Bahry-Hazar arasyndaky ähli türkmen taýpalarynyň agzyny bir edip, bir supranyň daşyna ýygnap, merkezleşen özbaşdak döwlet gurmaly diýen pikire ýüregi bilen berildi. Ähli türkmen bir çukura tüýkürip, bir agza baksa, çözüp bolmajak mesele ýok. Birleşen uly güýjüň öňünde durup biljek hem ýok. Ol Alladan dileg etdi, medet, goldaw isledi:

*Dilegim duş eýle, gözel Allahym!*
*Bir suprada eda bolsun aşymyz.*

*Ilimiz ulaşsyn sowulmaz ýaza,*
*Togsan dolup, tamam bolsun gyşymyz!* [4, 212 s.].

Magtymguly oýa batdy, pikir derýasyna çümdi... Aslynda bir ýurdy gorap, bir ýurdy darap ýörenlerem türkmene daş adamlar däl ahyryn. Eý, Allahym! «Ersgin boldy, gitdi gyzylbaşymyz», özüň gora, özüňden medet! Asyl begler azaldy, bedasyl begler käneldi, bize halky Gün kibi çoýýan, bir agza bakdyrýan häkim gerek, agzybirlik gerek, jebislik gerek:

*Türkmenler baglasak bir ýere bili,*
*Gurudar Gulzumy, derýaýy – Nili,*
*Teke, ýomut, gökleň, ýazyr, alili –*
*Bir döwlete gulluk etsek bäşimiz* [4, 212 s.].

Biz ýokarda Nedir şa öldürilenden soň, Owganystan özbaşdaklygyna eýe bolýar we geçirilen saýlawyň netijesinde Ahmet Dürrany şa diýip yglan edilýär diýip aýdyp geçipdik. Bu syýasy wakadan soňra türkmenleriň hem herekete gelip başlandygyny, yzygiderli maslahatlaryň geçirilýändigini hem aýdypdyk. Şeýle maslahatlaryň birinde goldaw, hemaýata mätäç türkmenler Owganystany arka tutunmak meselesini orta atýarlar we bu pikiri köpçülikleýin goldaýarlar. Bu döwürde Ahmet şa täze gurlan döwleti gözgyny ykdysady ýagdaýdan dikeltmek, ýurduň çägini giňeltmek meseleleri bilen meşguldy. Dogrusy, şu işleri amala aşyrmak üçin onuň özi haraýa mätäçdi. Ýöne ol «It hem arryklygyn gurda bildirmez» syýasatyny ýöredýärdi. Ine, şol günlerde ol türkmenlerden ýardam isläp, iki gezek hat (perman) ýollaýar. Hatlaryň birinjisi 1754-nji ýylda, ikinjisi bolsa 1755-nji ýyl-

da ugradylýar. Bu hatlaryň mazmunyndan görnüşi ýaly, türkmenler din meselesi bilen baglanyşykly, ýagny yslamyň rowaçlanmagy üçin alnyp barylýan söweşlere gatnaşmaga çagyrylýar. Şeýle-de, bu hatlarda goňşy ýurtlarda bendilikde ýatan türkmen ýesirlerini boşatmaga mümkinçiligiň boljakdygy hem aýdylýar. Ýene-de bu hatlarda türkmenlerden birnäçe hanlaryň Owganystan bilen dostlukly gatnaşyga başlandygy barada hem habar berilýär.

Ahmet şa Dürrany bu hatlary ýazan mahalynda diniň rowaçlanmagy üçin diýip türkmenleriň duýgusyna täsir edip boljagyny bilipdi, çünki türkmenler hem owganlar ýaly sünni mezhebine degişlidi. Galyberse-de, türkmenleriň gyzylbaşlardan ýaňa ejir çekendiklerini, gan ýuwdandyklaryny örän gowy bilýärdi.

Şu hatlardan soň özlerine hemaýat, arka tapynmak barada aladalanyp ýören türkmenler Owganystana tarap umyt bilen hereket eden bolmaly. Ýörite geňeş, maslahat geçirip, kimleri halk wekili, ilçi edip iberilmelidigi çözülen bolmaly. Şeýlelikde, il-ýurduna ýagşylykda özüni tanadan Çowdur hany birnäçe türkmen ýigitlerine baştutan edip, Owganystana ugradýarlar. Muny Magtymgulynyň «Çowdurhan üçin» atly goşgusyndaky:

*Ahmet patyşadan habar almaga,*
*Umyt etdi iller Çowdurhan üçin!* [4, 399 s.].

– diýen setirleri hem tassyklaýar.

Il-ulus ähmiýetli, döwlet bähbitli işden daşda durmaýan Döwletmämmet Azady şu sapara gidişlige öz uly ogullary Abdylla bilen Muhammetsapany hem goşýar (şu ýerde Azady diňe Abdyllany türkmen wekiliýetiniň içine goşupdyr diýen maglumatyň bardygyny hem belleýäris). Sebäbi Azadynyň terbiýesini alan ýigitler türkmen halkynyň özbaşdak döwletli bolmagy barada atalarynyň öňe süren ideýalaryny, pikirlerini örän gowy bilýärdiler. Olar türkmen iliniň erkinligi, azatlygy we abadanlygy üçin janlaryny pida etmäge taýýar bolup ýetişýärler. Şu ýerde Owganystana şu gezekki sapara gidişlik haçan, näçenji ýyllarda bolupdyr diýen sorag ýüze çykýar? Bu barada alymlaryň dürli garaýyşlary bar. Nedir şanyň öldürilen wagty, ýagny 1747-nji ýyldan başlap, 1770–1771–1772-nji ýyllara çenli çaklamalar aýdylýar. Şeýle çaklamany öňe süren alymlaryň biri, Magtymgulynyň terjimehaly barada ýörite «Asyrlaryň jümmüşinden» atly kitaby ýazan tanymal alym Saýlaw Myradowdyr. Saýlaw Myradow Çowdurhanyň ýolbaşçylygyndaky türkmen ilçileriniň Owganystana ugran senesini öz oýlanmalaryna, çaklamalaryna esaslanyp: «Onuň (Çowdurhanyň – B.S.) 1770–1771–1772-nji ýyllaryň birinde gaýdan bolmagy has mümkin zatdyr» diýen netijä gelýär.

Professor Mäti Kösäýew «Edebiýat barada söhbet» atly kitabynda anyk sene görkezmese-de, Ahmet Dürranydan gelen hatlardan soň Çowdurhanyň ýolbaşçylygynda türkmen ilçileriniň Owganystana ýola düşendiklerini, şolaryň içinde Azadynyň ogullary Abdylla bilen Muhammetsapanyň hem bolandygyny ýazýar.

Owganystana bolan bu sapar pajygaly, heläkçilikli tamamlanýar. Türkmen halkynyň wekilleri ýolda duşmanlar tarapyndan öldürilýärler. Bu hasratly waka türkmen ilatyny gaýgy-gama batyrýar. Sapara gidenleriň hossarlary perişan hala düşüp, gam laýyna gark bolýarlar.

Alym Saýlaw Myradow ýokarda ady agzalan kitabynda Çowdurhan Magtymgulynyň «deň-duş dosty» diýip belleýär. Magtymgulynyň ömri we döredijiligi barada ýazylan işleriň aglabasynda şu pikir goldanylýar.

Magtymguly bu hasratly wakadan soň, dosty, pikirdeşi, maslahatçysy, il-ýurt bähbitli sapara rowana bolan türkmen wekiliýetine ýolbaşçylyk eden Çowdurhana bagyşlap, «Çowdurhan üçin», «Geçdi diýdiler», «Zarlar içinde» atly goşgularyny döredýär. Ýürekden syzdyrylyp çykan bu setirleri okasaň, seniň göz öňüňde Çowdurhanyň merdana keşbi janlanýar duruberýär:

*Ahmet patyşadan habar almaga,*
*Umyt etdi iller Çowdurhan üçin...*

*Çowdurhan görejim, köňül diregim,*
*Gökleňde pälwanym, ile geregim...*

*Magtymguly, hemdem, akyl syrdaşyň,*
*Tutabilmez özün, döküp gözýaşyn...*

*Bedew atly, bek kemerli, ýaragly,*
*Döwleti, zynaty malyna bagly,*
*Myhmanly bir ärdir, zatly, otagly...*

*Gökleň, ýomut — weýran boldy saraýyň...* [4, 399, 403, 401 ss.].

Görşümiz ýaly, bütin gökleň, ýomut ili, «gardaşlar, syrdaşlar, ýakynlar, ýatlar gara geýip, gan ýyglaşýarlar», çünki bu batyr serkerde halkyň howandary, diregi «Aý-Günüň şuglasy», «Türküstan töresi», «ýeriň-suwuň seresi», «ýygyn görki, ýow gününiň öresi», üşbu gara ýeri guçýar». Bu setirler ýöne bir setirler däl. Bu setirler gözüniň görejinden, köňlüniň direginden, hemdeminden, akyl syrdaşyndan jyda düşüp, özüni tutabilmän, dürsäp bilmän, seçilýän, dökülýän ganly gözýaşyň damjalarydyr, hünjüleridir.

Ine, şu agzalan goşgular Çowdurhanyň şol wagtlar näçe ýaşynda bolandygy barada we pajygaly wakanyň haçan bolanlygy barada pikir ýöretmäge, netije çykarmaga esas berýär.

Magtymguly Çowdurhan bilen dost, deň-duş, pikirdeş, geňeşdeş diýip aýdypdyk. Eger şeýle bolsa, Ahmet Dürranydan hat gelen döwri, 1754–1755-nji ýyllar 1724-nji ýylda dünýä inen Magtymguly 30-31 ýaşlarynda bolýar. Diýmek,

Çowdurhan hem 30-31 ýaşlarynda bolýar. Bu pikirimizi beýik şahyryň öz sözleri bilen tassyklamaga çalyşjak bolalyň. Şahyryň «Geçdi diýdiler» goşgusyndaky:

*Ömrüniň hasyly, otuz çyragy,*
*Bady-hazan urup öçdi diýdiler* [4, 403 s.].

– diýen setirlere üns bereliň. Bu ýerde «otuz çyrag» otuz ýyly – ýaşy aňlatsa, «ömrüniň hasyly» önümi, gazanylan mukdar sany – otuzy aňladýar we tassyklaýar. Ikinji setir hem şu aýdylanlara doly kepil geçýär, ýagny gürrüňi edilýän şahsyýet 30 ýaşa ýetende, 31-iň içinde «bady-hazan urupdyr» – ajal ýeli öwsüpdir. Şulardan görnüşi ýaly, Magtymgulynyň ýegre dosty, syrdaşy, iliniň batyr serkerde ogly Çowdurhan 30 ýaşynda bu dünýä bilen pajygaly ýagdaýda hoşlaşypdyr.

Magtymgulynyň döredijiliginde «çyrag» sözüniň ýaşaýşy-ýaşy aňladýandygyny alym A.Şyhnepesow «Magtymgulynyň älemi» atly kitabynda şeýle ýazýar: «Bize beýle hasaplamaga «çyrag» we «röwşen» obrazlarynyň şahyryň poeziýasynda aňladýan manylary esas berýär:

*Niçäniň maşaly täzeden ýanar,*
*Niçäniň çyragy öçüp baradyr.*

*Habar düşer «Pylany kimse ötdi» diýp,*
*«Çyragy söndi» diýp, «Güni batdy» diýp...*

*Täze taban alan ömrüm çyragy...*
*Bu dünýäde niçe ýansa çyragyň*
*Ajal ýeli degip, öçer, ýaranlar...*
*Yşk heser etmese, ýanmaz çyraglar...*

Diýmek, çyrag – adamyň fiziki dünýädäki ýaşaýşy».

Çowdurhanyň men diýen goç ýigit wagtynda dünýeden ötenligi barada şahyryň şu ady agzalan goşgularynda ýene-de gytaklaýyn delillere salgylanmak mümkin:

*Eý ýaranlar, ýowuz destan tapyldy,*
*Bir goçak panydan geçdi diýdiler...*

*Bir goçakdyr ýeriň, suwuň seresi...*

*Pelek seniň gül ömrüňi soldurdy,*
*Hazan degdi, now gunçaňy ýoldurdy...* [6, 399, 400, 401 ss.].

Şu setirler Çowdurhanyň men diýen goç ýigit wagty ömür tanapynyň kesilendigini görkezýär. Ýene-de bir has gynançly, hasratly, başyňy ýaýkadýan ýeri şol wagt şahyryň «Zürýatsyz ýigidiň orny ýitermiş» diýip aýtmagyna görä, Çowdurhanyň heniz perzendi hem ýok eken. Ýene-de käbir setirlere üns bereliň. Magtymguly «Çowdurhan üçin» atly goşgusynda şeýle diýýär:

*Yzyňda boldular il intizaryň,*
*Umyt bilen gezdi Annahal ýaryň,*
*Atanazar boldy çekerge zaryň,*
*Gözleý-gözleý ýollar Çowdurhan üçin* [4, 399 s.].

Bu bentde Magtymguly Çowdurhanyň ýanýoldaşynyň, gelniniň umyt bilen gezip ýörendigini, agasy Atanazaryň aýralygyň zaryny çekip ýörendigini, habar-hatyr gözläp hiç hili netije tapyp bilmändigini ýazýar. Emma şahyr ogul-gyz perzent barada hiç zat agzamaýar. Munuň hem sebäbi «Geçdi diýdiler» goşguda aýdyň bolýar:

*Ýigitlik hasraty başdan ötermiş,*
*Ogulsyzlyk barça işden betermiş,*
*Zürýatsyz ýigidiň orny ýitermiş.*
*Ýurdy ýok, kerweni geçdi diýdiler* [6, 399 s.].

Magtymguly şu ady agzalan üç goşguda Owganystana sapara giden türkmen wekiliýetiniň düşen pajygaly ýagdaýy barada birnäçe maglumat beripdir. Ol şu wakanyň nirede bolandygy barada hem «meger» sözüni ulanyp, takmynanrak bolsa-da, maglumat berýär. Muny şahyr «Çowdurhan üçin» atly goşgynyň bäşinji bendinde şeýle suratlandyrýar:

*Barsa paýy belli soltanda, handa,*
*Iller bilmeý galdy, armany sanda,*
*Kazadyr, kysmatdyr, Ýeztde, Kermanda,*
*Meger tartdy ganlar Çowdurhan üçin* [4, 399 s.].

Şu setirlerden görnüşi ýaly, Çowdurhan öz ýoldaşlary bilen Owganystana ýetip bilmän, garakçyly, hyz-haramly ýolda duşmanlar tarapyndan heläkçilige uçrapdyr.

Biz Çowdurhanyň Magtymguly bilen deň-duş, dost, pikirdeş bolandygyny öňde aýdypdyk. Diýmek, Çowdurhan hem 1724-nji ýylda dünýä inen bolmaly. Indi Ahmet Dürranydan türkmenlere hatlaryň gelen wagtyny 1754–1755-nji ýyllary ýatlalyň. Şu sanlardan 30-31 sanlary aýyrsak, 1724-nji ýyl bolýar. Diýmek, Owganystana Çowdurhanyň ýolbaşçylygyndaky sapara gidişlik, Ahmet Dürranydan gelen hatlardan soň 1755-nji ýylda bolupdyr. Bu bolsa professor B.Garryýewiň «Nedir ölen dessine... (1747-nji ýyl)» diýen pikiriniň-de, alym Saýlaw Myradowyň 1770–1771–1772-nji ýyllarda diýen pikiriniň-de hakykata laýyk gelmeýändigini görkezýär.

Şu ýerde Ahmet şanyň ýanyna gidişlik barada alym Ahmet Bekmyradowyň garaýşyny hem bermekligi makul bildik. Alym «Magtymguly hem Ahmet Dürrany» atly makalasynda: «Eýsem, Çowdurhanyň «Ahmet patyşadan habar almaga» giden wagty haçan bolýar? A.Myradow bu gidişlik şahyryň ýaşan asyrynyň 70-nji ýyllarynyň bolmaly diýen pikiri öňe sürdi. Öz pikirini, umuman, delillen-

dirmegi-de başardy. Bizem onuň pikirine goşulýarys» diýip ýazýar. Ýokarda belläp geçişimiz ýaly, bu pikir hakykata laýyk gelmeýär.

Ýokarda Çowdurhanyň ýolbaşçylygynda giden türkmen wekilleriniň içinde Magtymgulynyň agalary Abdylla bilen Muhammetsapa-da bar diýipdik. Bularyň hem gidişi-gidişi bolýar. Magtymguly bulary ýatlap, gan aglap, «Abdylla», «Gelmedi» atly goşgularyny ýazýar. Dert çekip-çydardan agyr:

*...Üstümize hijran ody sepildi,*
*Kuwwatym gidipdir, dyzym epildi,*
*Gan ýyglap, atamyň bili büküldi,*
*Kaýda watan tutduň, gardaş Abdylla!*

*...Gülüp oýnamadyk bile şat bolup,*
*Başdan gitdiň, bütin bizden ýat bolup,*
*Magtymguly zar aglapdyr, mat bolup,*
*Kaýda watan tutduň, gardaş Abdylla!*

*...Magtymguly, derdi goýmaz ýatmaga,*
*Ugrun bilmez sorap-sorap gitmäge,*
*Ýerden jogap çykmaz habar tutmaga,*
*Gören, bilen barmy, bular gelmedi!* [4, 404, 45 s.].

Magtymgulynyň agalarynyň ikisi-de öýlenen, maşgalaly adamlar. Şol gahatçylyk, açlyk, horluk döwürde garry Azady bilen Magtymgulynyň üstüne düşen ýüki bir göz öňüňize getirip görüň! Ýüregiňiz gyýym-gyýym bolar. Ýöne nähili-de bolsa, bu şol döwrüň ajy hakykatydyr.

Türkmen edebiýatyny öwreniji alymlaryň aglabasy Magtymgulynyň Owganystana iki gezek gidendigini tassyklaýarlar.

Biz hem şol pikire goşulýarys. Magtymgulynyň birnäçe daşary ýurtlarda bolandygy barada hem aýdypdyk. Bu ýurtlara Magtymgulynyň medresede okap ýören wagty tanyşan dosty siriýaly Nury Kazym bilen gidendigi barada hem alymlaryň işlerinde aýdylýar. Bu pikir bilen doly ylalaşyp bolar. Elbetde, ýanyňda çet ýurtlary gören, birnäçe dilleri bilýän, bilim, ylym derejesi ýokary bolan bir adam bilen uzak illere, görülmedik ýollara ýoldaş bolmaklygyň gadyry bir başgadyr. Bu syýahatlaryň, saparlaryň ýöne bir gezelenç däl-de, il-ulus bähbitli, ýurt ähmiýetli maksatlary nazarlandygy barada hem öňde aýdyp geçipdik. Ýöne bu syýahatlaryň, saparlaryň dünýägaraýşyňy, gözýetimiňi giňeltmekde uly täsiri bolaýmasa, türkmen jemgyýetini, durmuşyny üýtgetmekde hiç hili ähmiýeti, iş ýüzündäki netijesi bolmandyr. Ýöne uzak-uzak ýollarda, alys-ýakyn illerde eşidenleriň, görenleriň gözýetimiňi giňeldip, durmuş tejribäňi artdyrýar, ruhy hemaýat bolýar. Öz pikirleriňe, ideýalaryňa berk ynanç döredýär. Bu bolsa uly güýçdür. Şu güýji

özünde toplan Magtymguly türkmeniň ähli tire-taýpalaryny birleşmeklige, agzybirlige, azat, erkin, merkezleşen özbaşdak döwlet gurmaklyga çagyrdy. Öňde-de aýdyp geçişimiz ýaly, döredijilik bilen azat, erkin durmuş ugrundaky praktiki iş hereketini utgaşykly alyp bardy.

Çowdurhanyň ýolbaşçylygyndaky Owganystana sapara gidişlik heläkçilikli gutaran hem bolsa, Ahmet Dürrana umydyny baglan türkmenler ýene bir sapara gidişligi guramagy makul bilýärler. Türkmenler Ahmet Dürrany bilen bir-birege hemaýat berip, arkalaşygy ýola goýmagy, şeýdip öz günlerini gurplandyrmagy, berkitmegi müwessa bilipdirler.

Magtymguly şu gezekki sapara gidişlige goşulmagy ýürekden isläpdir. Ýöne Owganystan ýolunda öňem iki ogluny aldyran atasyndan nähili edip rugsat soramaly. Atasynyň rugsat bermejegini onuň ýüregi syzýar. Şahyr atasyndan rugsat soraýan pursatyny «Oglum – Azadym» goşgusynda ähli dramatizmi, jikme-jikligi bilen suratlandyrypdyr:

*Ras eýle syryňny, saklama pynhan,*
*Emma ki sözümden, çykmagyl oglum!..*

*Utanardym, syrym paş eýlemezdim,*
*Ras ederin, habar alsaň, Azadym!..*

*Diýgil ahyr: kimiň bile gider sen?*
*Dem tartyp, her ýana bakmagyl, oglum.*

*Jylawdary bolsam Ýazyrhan piriň,*
*Köňül guşy perwaz urar pakyryň...*

*Werzişiň ýok, ýaş sen, gidebilmer sen,*
*Şöwür bar, şowhun bar, çydabilmer sen...*

*Kişi sözlemeýen, syry paş olmaz,*
*Ýagşydan, ýamandan aňlan ýaş olmaz...* [4, 657 s.].

Magtymguly «Meger, gitsek, halkyň köňli hoş bola», «Bu gün niçe gündir, aglaşar iliň», «Raýymyz gaýtarma, goýber Azadym», «Doga kylyp, Haka ýalbar, Azadym» diýip, özelenipler ýalbarýar.

Azady näçe kyn görse-de, il-ulus bähbitli, ýurt ähmiýetli iş üçin oglunyň haýyşyny goldaýar, ak pata berýär. Magtymguly sapara gitmek üçin taýýarlyk görüp ýören günlerinde, «Ýagşy söz ýylany hinden çykarar» diýilýär diýip, şanyň huzuryna boş barmazlyk üçin, «Arşy aglaýa» atly şany wasp edýän şygryny, odasyny ýazýar. Magtymguly öz köňlüniň garşysyna gidip ýekeje-de setir ýazan şahyr

däl. Ol Ahmet Dürranydan gözgyny ýagdaýda ýaşaýan halkyna ýardam, hemaýat bolar diýen pikire ýüregi bilen ynanypdyr. «Arşy aglaýa» şygrynyň şa tarapyndan türkmenlere bir yş bolandan soň, has takygy, ýardam sorap ýazylan hatlar okalandan soň ýazylandygy welin ikuçsuzdyr.

Şu ýerde ýene bir meseläniň üstünde durup geçsek göwnejaý boljak. Magtymgulynyň tire-taýpalary birleşdirmek ideýasyny öňe sürýän iň işjeň goşgularynyň biri «Bäşimiz» atly goşgusydyr. Magtymguly bu goşguda «Türkmenler baglasak bir ýere bili» diýip, ähli türkmenleri agzybirlikde, birleşip hereket etmeklige çagyrýar. Bäş bentden ybarat bolan bu goşgynyň bäşinji bendiniň iň soňky setiri «Ol Kemalhan Owgan bolsun başymyz» diýip tamamlanýar. Türkmen edebiýatçy alymlary öz ylmy işlerinde Kemalhan Owgana aýratyn bir şahsyýet hökmünde garadylar. Alymlaryň käbiri (S.Myradow) Kemalhan Owganyň kimdigini tanamaýandygyny aýtdy. Zehinli alym Ahmet Bekmyradow «Magtymguly hem Ahmet Dürrany» atly makalasynda bu barada: «Eýsem, şygyrda ýörite ady tutulýan Kemal han owgan kim? Şahyr diňe şu goşgusynda däl, eýsem, başga bir goşgusynda hem ony halkyň howandary bolup biljek adam hökmünde häsiýetlendirip, «Gam senden sowular, derdiň dur bolar, Kemal han owgan dek äre ýüz ursaň» diýýär. Biziň pikirimizçe, ine, şu Kemal han owgan Ahmet şa bolmaly» diýip, örän dürs pikiri aýdýar [7].

Magtymguly şu setirinde kämil sözüniň – tejribeli, kemally manysyny ulanýar. Şu sözleriň köki birdir. Şahyr türkmen halkyna hemmämiz bir bolup, bize ýardam berjek Kemalhan (kämil) Owgana – Ahmet Dürrana goşulyp, şonuň ýolbaşçylygynda hereket edeliň, öz maksadymyza ýeteliň diýip ýüzlenýär. Türkmenleriň arasynda milletiň adyny getirmek öňden hem bardyr. Berhurdar Türkmen, Baýram han Türkmen diýlişi ýaly. Pikirimizi jemläp aýtsak, bu ýerde kämil, tejribeli, gaýratly, halkyna azat, özbaşdak döwlet gurup beren – Ahmet şa Dürrany göz öňüne tutulýar. Onsoňam, okan edebiýatlarymyzda, çeşmelerimizde şeýle şahsyýete duş gelmedik. Şeýle-de, öz ideýalaryna, garaýyşlaryna ygrarly, döwrüniň, ýurdunyň derdini öz derdi hasaplan, onuň dermanyny, çäresini, çözgüdini gözlän parasatly şahyryň bu gün bir owganla, ýene bir gün başga owganla goşulyp, bile hereket edip azatlygymyzy gazanalyň diýip durmajagy bellidir.

Owganystan bilen türkmenleriň arkalaşyk açmaga eden hereketleri bilen baglanyşykly käbir ýagdaýlary belläp geçmeli. Çowdur hanyň ýolbaşçylygynda gepleşik geçirmek üçin giden türkmen wekiliýetiniň heläkçilige uçrandygyny aýdypdyk. Bu heläkçilikli wakanyň takmynrak bolsa-da, nirede bolanyny Magtymguly «Çowdur han üçin» goşgusynda aýdyp geçipdir. Şundan görnüşi ýaly, ilçileriň Owganystana aman-sag barmagy uly mesele bolup ör-boýuna galýar. Sebäbi türkmenleriň duşmanlary hem ýöne ýatmaýarlar. Olar türkmenleriň Owganystana tarap ýüz öwrendiklerini, Ahmet Dürranydan türkmenlere hatlaryň

gelendigini, şol hatlaryň türkmenlerde umyt döredendigini, Owganystan bilen arkalaşygy, dostlukly gatnaşygy ýola goýmak üçin hereketleriň başlandygyny örän gowy bilýärdiler. Sebäbi bu pikirlere garşy bolup, diňe öz gününi, öz doklugyny alada edip, «namartja olam, sagja olam» diýip ýörenlerem bardy. Magtymgulynyň çagyryş äheňli goşgularyna pisint etmeýänler hem bardy. Ine, şonuň üçinem: «Magtymguly, sözüň bilene sözdür, // Bilmedik adama gury owazdyr» diýip, janyndan syzdyryp aýdýar. Şu aýdylanlardan çen tutup aýtsak, gepleşige barýan wekiliýete ýolda ýörite ýaman niýet bilen garaşylan bolmagy-da mümkindir. Biz-ä şu pikire ýüregimiz bilen ynanýarys. Şonuň üçin türkmenler soňky sapara gidişlikde başga bir göçüm edipdirler. Ýazyrhan piriň ýolbaşçylygynda zyýarata, syýahata barýan uly bolmadyk bir topary – ilçileri taýýarlapdyrlar. Olaryň baş maksady gizlinlikde saklanypdyr. Şeýlelikde, Ýazyrhan piri türkmenlere baş edip, Owganystana sapara ugradypdyrlar. Ýazyrhan piriň kimdigini bilemzok. Magtymgulynyň döredijiliginde hem diňe bir ýerde gelýär. Ol hem «Oglum – Azadym» goşgusynda. Elbetde, pirlik derejesine ýeten bolsa Ýazyr han piriň türkmenleriň arasynda uly abraý-hormatynyň bolandygy bellidir. Pirlik derejesi diňe öz ýurduňda däl, goňşy ýurtlarda, töwereklerde hem tanalypdyr. Ine, hut şu nukdaýnazardan hem Ýazyr han pir ýolbaşçy saýlanypdyr. Hamana, Ýazyr han pir birnäçe türkmen ýigitleri bilen zyýarata, syýahata ýola düşüpdir. Ýolda ýolkeserler, garakçylar duşaýanda hem din wekiliniň, uly bir piriň ýoluna böwet bolup biljek däller. Bu gürrüňi edilýän döwürde diniň we din wekilleriniň hormaty uly bolupdyr. Juda bir kezzaplykda özüni tanadan garakçylar bolaýmasa, din wekillerine batyrnyp bilmändirler. Şeýlelikde, bu wekiliýet Owganystana aman-sag aşmagy başarypdyr. Emma türkmen ilçileriniň Ahmet şa Dürrany bilen hut özleriniň duşup bilendigi barada maglumat ýok. Ýöne türkmen ilçileri öz arkalaşyk baradaky pikirlerini, öz isleglerini Ahmet Dürrana ýetirmegi başarypdyrlar. Ýöne gynansak-da, şol wagtlar Hindistan, Eýran meseleleri bilen başyna gaý-başagaý bolup ýören Ahmet Dürranydan türkmenlere hiç hili goldaw, hemaýat bolmandyr. Onuň öz aladasy, öz ýüki özüne ýetik bolupdyr. Aslynda-da, Ahmet Dürrany türkmenlere hemaýat isläp, hat ýollanda türkmenleri Maşada gurnan ýörişlerinde öz peýdasyna ulanmak üçin ýollapdyr, öz bähbidini arapdyr.

Magtymgulynyň döwri barada bu aýdylanlar kiçijek bir parçadyr. Käbir goşgularynyň mazmunyna teswirlemedir. Magtymgulynyň zamanynda türkmenleriň üstüne çar tarapdan inen apatlaryň diňe bir bölegidir. Beýik şahyr zamanasynyň syýasy-köpçülikleýin, durmuş-ykdysady, ahlak meseleleriniň jümmüşinde, merkezinde köňli bilen köýüp-bişipdir, aňy bilen gaýnapdyr. Magtymguly diňe bir parasatly filosof, beýik şahyr däldir. Ol bulardan has giňdir, has uludyr. Ol «Indi bildim zamananyň azanyn» diýip, döwründäki pyssy-pujurlyklara, haramlyklara, zorluga, süteme garşy on iki süňňi, kalby bilen iş ýüzünde göreşipdir, söweşip-

dir. Ol öz iliniň adamlaryny erkin, azat, özbaşdak döwletde ýaşatmak üçin güýjüni-gaýratyny, zehinini, ukybyny gaýgyrmadyk bir ajaýyp şahyrdyr.

Magtymguly daglaryň kemerinde köküni çuňluklara uran, bir äpet miweli daragtdyr. Ol daragtyň miwesi hemişelik datlydyr. Ol miweden adamlar doýup bilmezler. Ol daragt ertekilerdäki Erem bagynyň daragty däldir. Ol daragt Ebedilik bagynyň daragtydyr. Ol daragt ebedidir.

## EDEBIÝAT


1. *Rejebow R.* XVIII – XIX asyrlar türkmen edebiýatynyň döredijilik stili. – A.: Ylym, 1995.

2. Nusgawy türkmen şahyry Magtymguly Pyragynyň 290 ýyllygyna daşary ýurtlaryň ilçihanalary bilen halkara medeniýet boýunça hyzmatdaşlyk merkezi. – Pekin, 2014.

3. *Rejebow R.* Edebiýat ylmyna degişli terminleriň sözlügi. – A.: Türkmenistan, 1968.

4. *Magtymguly*. – A.: TDNG, 2008.

5. *Sümer F*. Oguzlar – türkmenler. – A., 1999.

6. *Şyhnepesow A*. Magtymgulynyň älemi. – Saýat: D.B Rejep-Han, 1994.

7. *Bekmyradow A*. Magtymguly hem Ahmet Dürrany. Sowet edebiýaty. – A., 1998.



**Aşyrgeldi Jumaýew**

*Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň dosenti,*

*hukuk ylymlarynyň kandidaty*


## ÜÇ ÝÜZ ELLI ALTY ÝYL ÄLEMI GEZSEŇ...

Türkmen halkynyň milli Lideri Gurbanguly Berdimuhamedow tarapyndan 2021-nji ýylyň 12-nji fewralynda «Gündogaryň beýik akyldary we nusgawy şahyry Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygyny belläp geçmek hakynda» Kararyň kabul edilmegi, beýik akyldara, söz ussadyna, şygryýet äleminiň şasy hasaplanýan şahyra goýulýan ägirt uly sylag-sarpadyr. Kararda XVIII asyryň nusgawy edebiýatynyň görnükli wekili Magtymguly Pyragynyň Gündogaryň çeper söz sungatyny baýlaşdyrmakda, müňýyllyklaryň dowamynda kemala gelen türkmen pelsepesini we edebiýatyny öwrenmekde uly hyzmatlary bitiren türkmen halkynyň abraýyny, mertebesini belent derejelere göteren beýik akyldar şahyrdygy, türkmen ruhunyň synmajak sütünidigi bellenip geçilýär. Şeýle-de, akyldar şahyryň dünýä siwilizasiýasyna uly goşant goşan baý hem-de gymmatly edebi mirasyny, dünýewi garaýyşlaryny, şygryndaky pelsepe älemini, XVIII–XIX asyrlarda türkmen durmuşyna ýetiren uly täsirini ylmy esasda öwrenmek, onuň döredijiliginiň diňe bir türkmen halkynyň däl-de, eýsem, tutuş Gündogaryň ylmy-medeni